# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
# K A R A R Y

«03» sentýabr 2021 ý. № 2434 Aşgabat ş.

## Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnamany tassyklamak barada

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2021 ý., № 9, 2050-nji madda)

Ýurtda awtoulag hyzmatlaryna bolan barha artýan islegleri kanagatlandyrmak we ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak işini halkara talaplaryna laýyklykda has-da kämilleşdirmek, şeýle hem «Awtomobil ulagy hakyndaky» we «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakyndaky» Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda,**karar edýärin:**

1. Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakyndaky Düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

3. «Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň derejesini ýokarlandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2004-nji ýylyň 12-nji iýulynda çykaran 6792-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2004-nji ýyldaky 7-nji ýygyndysynyň 279-njy maddasy) güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

4. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarlary, Türkmenistanyň Içeri işler ministri, Türkmenistanyň Bilim ministri, Türkmenistanyň Goranmak ministri, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministri, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri, Türkmenistanyň Maliýe we

ykdysadyýet ministri, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2021-nji ýylyň 03-nji sentýabrynda
çykaran 2434-nji karary bilen
tassyklandy

## Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda DÜZGÜNNAMA

### I bap. Umumy düzgünler

1. Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hakynda Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) «Awtomobil ulagy hakyndaky», «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakyndaky» we «Bilim hakyndaky» Türkmenistanyň kanunlaryna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Düzgünnama awtoulag (mundan beýläk - ulag) serişdeleriniň (şol sanda özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň) sürüjilerini taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

3. Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler:

1) ulag serişdesi - hereketlendiriji bilen herekete getirilýän we ýolagçylary, ýükleri ýa-da ýörite enjamy daşamak, şeýle hem işiň başga görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenilen awto, moto, şeýle hem özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdesi (traktorlar, oba hojalyk maşynlary);

2) awtotürgenleşik meýdançasy - degişli inžener-tehniki desgalar ulgamy bilen enjamlaşdyrylan we iş ýüzünde ulag serişdelerini dolandyrmak ukybyny öwretmek,

sürüjileriň ulagy dolandyrmak ukybyny kämilleşdirmek we synagdan geçirmek üçin niýetlenen ýer bölegi;

3) sürmegi öwredýän adam - degişli toparyň ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk berýän sürüjilik şahadatnamasy, sürmegi öwretmäge hukuk berýän rugsatnamasy hem-de degişli toparyň ulag serişdesini dolandyrmakda ýeterlikli iş tejribesi bolan, okuw ulag serişdelerinde halypalyk edip sürmegi öwredýän adam;

4) awtomobil mekdebi - ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk almak üçin isleg bildirýän adamlary taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak boýunça işi amala aşyrmaga Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarly bilim edaralary we beýleki edaralar;

5) sürüjiniň hünär derejesi - sürüjiniň hünär derejesini almak üçin şu Düzgünnamada bildirilýän talaplara laýyk gelýän, ulag serişdelerini dolandyrmak ussatlygy we tejribesi ýeterlik derejede bolan, hünäri ýokarlandyrylan sürüjiniň başarjaňlygyny aňladýan sürüji işgärlere berilýän dereje.

4. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri, beýleki goşunlary we harby edaralary üçin ulag serişdeleriniň (şol sanda motoulag, bronlanan we beýleki tehniki serişdeleriniň) sürüjilerini (harby gullugy geçýän harby gullukçylary we beýleki raýatlary) taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň we Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň hem-de özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň (traktorlaryň, oba hojalyk maşynlarynyň) sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň degişli okuw-maddy binýady, gözükdiriji-mugallym we beýleki işgärleri bolan, ygtyýarly bilim edaralarynda we beýleki edaralarynda amala aşyrylýar.

5. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlara bellenen ýaşdan pes bolmadyk, umumy orta bilimi bolan (okuwyny dowam edýän) we sürüjilik işine lukmançylyk taýdan garşy gelmeleri ýa-da çäklendirmeleri bolmadyk Türkmenistanyň raýatlary, şeýle hem Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama esasynda ýaşaýan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar (mundan beýläk - adamlar) kabul edilýär.

6. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlara kabul edilen adamlara - diňleýjiler, olardan düzülen toparlara - okuw toparlary diýilýär.

7. Awtomobil mekdeplerinde ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak okuwlaryň gündizki (önümçilikden aýrylmak şerti bilen) we gündizki-gaýybana (okuwyň iş wagtyndan başga wagtlarda, şol sanda agşamyna okalmagy bilen, önümçilikden aýrylmazlyk şertinde) görnüşlerinde amala aşyrylýar.

8. Awtomobil mekdeplerinde ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlar döwlet dilinde alnyp barylýar.

Okuwlar ker we lal adamlar üçin surdoterjimeçiniň gatnaşmagynda, döwlet dilini bilmeýän adamlar üçin bolsa, olaryň öz serişdeleriniň hasabyna terjimeçiniň gatnaşmagynda geçirilýär.

9. Awtomobil mekdeplerinde okuw maksatnamalary durmuşa geçirilen mahalynda kanunçylykda bellenen tertipde dürli sanly tehnologiýalara esaslanýan elektron okuwy peýdalanylýar.

10. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak işi (çagyryş boýunça harby gullukçylardan başga adamlar üçin) tölegli esasda amala aşyrylýar. Bu tölegleriň möçberleri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ylalaşylyp, degişlilikde Türkmenistanyn Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan tassyklanylýar.

## II bap. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak

11. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini (şol sanda ker we lal adamlary) taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak bir nusgaly okuw meýilnamalaryna we maksatnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň bir nusgaly okuw meýilnamalary we maksatnamalary degişli bilim standartlary esasynda işlenip düzülýär we Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi we Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan tassyklanýar.

12. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň ulgamy şulardan ybaratdyr:

1) motosiklleri, motorollerleri, mopedleri we beýleki motoulag serişdelerini («A» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on sekiz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan (degişli okuw meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň möçberinde özbaşdak taýýarlanmagyna hem ýol berilýär);

2) rugsat edilen iň ýokary agramy 3 500 kg-dan geçmeýän we sürüjiniň oturýan ornundan başga oturylýan orunlarynyň sany sekizden artyk bolmadyk awtomobilleri («B» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on sekiz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

3) rugsat edilen iň ýokary agramy 3 500 kg-dan geçmeýän we sürüjiniň oturýan ornundan başga oturylýan orunlarynyň sany sekizden artyk bolmadyk awtomobilleri («B» topar) we «D» topara degişli bolmadyk, ýöne rugsat edilen iň ýokary agramy 3 500 kg-dan geçýän awtomobilleri («C» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on sekiz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

4) «D» topara degişli bolmadyk, ýöne rugsat edilen iň ýokary agramy 3 500 kg-dan geçýän awtomobilleri («C» topar) dolandyrmak üçin - «B» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan, okuwyň ahyrynda on dokuz ýaşyny (çagyryş boýunça harby gullugy geçýän raýatlar on sekiz ýaşyny) doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

5) ýolagçylary gatnatmak üçin niýetlenen we sürüjiniň oturýan ornundan başga sekizden köp oturylýan orunlary bolan awtomobilleri («D» topar) dolandyrmak üçin - «B» ýa-da «C» toparlara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan, sürüjilik iş döwri bir ýyldan az bolmadyk, okuwyň ahyrynda ýigrimi ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

6) tirkegleriniň aňrybaş rugsat edilen agramy 750 kg-dan geçýän tirkegli ýa-da ýarym tirkegli awtomobilleri we awtobuslary («E» topar) dolandyrmak üçin - «B», «C» ýa-da «D» toparlara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan we degişli topary dolandyrmakda sürüjilik iş döwri bir ýyldan az bolmadyk adamlary okatmakdan;

7) trolleýbuslary we tramwaýlary dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda ýigrimi ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan.

13. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwyň möhleti «A» topar üçin bir aýdan iki aýa çenli, «B» topar üçin bir aýdan üç aýa çenli, «B» we «C» toparlar üçin üç aýdan bäş aýa çenli, «C» topar üçin, «D» topar üçin, «E» topar üçin bir ýarym aýdan üç aýa çenli, trolleýbuslary we tramwaýlary dolandyrmak üçin bir aýdan üç aýa çenli möhletden ybaratdyr. Okuwyň anyk möhleti degişli okuw meýilnamalary we maksatnamalary bilen kesgitlenilýär.

14. Adamlar ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlara girmek üçin awtomobil mekdeplerine şulary tabşyrýarlar:

1) arza;

2) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň (pasportyň ýa-da onuň ornuny tutýan başga resminamanyň) nusgasy;

3) saglyk ýagdaýy baradaky kepilnama;

4) bir ýa-da birnäçe toparlara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolup, başga toparlara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk almak boýunça okuwa girilende öňki sürüjilik şahadatnamasynyň nusgasy;

5) «D» hem-de «E» toparlara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk almak boýunça okuwa girilende degişli sürüjilik iş döwrüni tassyklaýan zähmet depderçesiniň nusgasy;

6) 3 x 4 santimetr ölçegdäki iki sany reňkli fotosurat.

Şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen resminamalaryň nusgalary olaryň asyl nusgalaryny görkezmek bilen tabşyrylýar.

15. Awtomobil mekdeplerinde ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlar okuw toparynyň on bäşden az bolmadyk diňleýjilerden düzülmegi bilen, ýylyň islendik wagty başlanyp bilner. Okuw toparynyň düzüminde diňleýjileriň sany otuzdan köp bolup bilmez.

Şol bir okuw toparynda şu Düzgünnamanyň on ikinji böleginde görkezilen okatmagyň görnüşleriniň birden köpüsi boýunça ulag serişdeleriniň sürüjileriniň taýýarlanylmagyna we gaýtadan taýýarlanylmagyna ýol berilmeýär.

16. Awtomobil mekdepleri okuwlar başlanandan soň, on bäş günden gijä galman her okuw topary barada maglumatlary elektron ýa-da kagyz görnüşinde Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugyna (mundan beýläk - PÝGG) iberýärler.

17. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak - nazaryýet, barlag-amaly okuwlardan, ulag serişdelerini sürmegi iş ýüzünde öwretmekden ybaratdyr. Okuwyň mazmuny we ony guramak ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň okuw meýilnamalary we maksatnamalary bilen kesgitlenýär.

18. Nazaryýet we barlag-amaly okuwlar okuw otaglarynda, ulag serişdesini dolandyrmak, testleşdirme geçirmek üçin niýetlenen hem-de degişli enjamlar bilen enjamlaşdyrylan desgalarda, şeýle hem ulag trenažorlarynda we ussahanalarda geçirilýär. Ulag serişdelerini sürmegi iş ýüzünde öwretmek ilkibaşda awtotürgenleşik meýdançalarynda, olaryň bolmadyk ýerlerinde bolsa, hereketiň ýok

we ilatly ýeriň çäginden daşda ýerleşýän boş meýdançalarda geçirilýär. Ilatly ýerlerde ulag serişdelerini dolandyrmak ukybyny özleşdirmek üçin okuw sapaklary hereketiň az bolan we PÝGG bilen ylalaşylan ýol ugurlarynda geçirilýär.

19. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň okuw meýilnamalaryna we maksatnamalaryna laýyklykda doly möçberde taýýarlanan we gaýtadan taýýarlanan diňleýjiler okan awtomobil mekdeplerinde synagdan geçirilmäge degişlidirler.

20. Synagdan üstünlikli geçen diňleýjilere synag toparynyň teswirnamasy esasynda ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň degişli okuw meýilnamalary we maksatnamalary boýunça okuwy tamamlandygy barada degişli awtomobil mekdebiniň ýolbaşçysynyň goly hem-de möhür bilen tassyklanýan bellenen nusgadaky hereket ediş möhleti çäklendirilmeýän şahadatnama gowşurylýar.

Bu şahadatnama gowşurulmazdan öň degişli awtomobil mekdebiniň hödürlemegi bilen PÝGG-de bellenen tertipde bellige alynýar we bu barada şahadatnamada degişli bellik edilýär. Bellige alynmadyk şahadatnama hakyky däl diýlip hasap edilýär.

Bu şahadatnama ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk bermeýär, ol bu hukugy almak üçin PÝGG-de hünär synaglaryny tabşyrmaga gatnaşmaga hukuk berýär.

21. Synaga gatnaşmadyk ýa-da synagda kanagatlanarsyz netijeleri alan diňleýjileriň bir aýdan az bolmadyk möhletden soň, synaglary gaýtadan tabşyrmaga hukugy bardyr.

Synaglary geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi we Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

22. Şu Düzgünnamanyň ýigriminji böleginde görkezilen şahadatnamanyň nusgasy Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň tabynlygyna garamazdan, awtomobil mekdeplerini şu Düzgünnamanyň ýigriminji böleginde görkezilen

şahadatnama bilen tölegli esasda üpjün edýär. Şahadatnamanyň blankasy berk hasabatdaky resminama bolup durýar.

23. Okuw toparynyň resminamalary we synag toparlarynyň teswirnamalary bellenen tertipde awtoulag mekdeplerinde saklanýar.

24. Şu Düzgünnamanyň ýigriminji böleginde görkezilen şahadatnama ýitirilen, ulanyp bolmajak derejede zaýalanan halatynda, şahadatnamanyň eýesiniň arzasy esasynda onuň asyl nusgasyny beren awtomobil mekdebi (onuň hukuk oruntutary) tarapyndan synag toparynyň teswimamasynyň esasynda onuň öwezligi tölegli esasda berilýär.

## III bap. Sürüjiniň hünär derejesini ýokarlandyrmak

25. Sürüjiniň hünär derejesi üçünji, ikinji we birinji derejelerden ybaratdyr. Sürüjiniň hünär derejesiniň birinji derejesi onuň iň ýokary derejesidir.

26. «B» topara, «C» topara ýa-da (we) «D» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan hem-de bir ýyldan az bolmadyk wagtyň dowamynda sürüji bolup üznüksiz işlän sürüjilere sürüjiniň hünär derejesiniň üçünji derejesi berilýär.

«B» topara, «C» topara we «D» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan we üç ýyldan az bolmadyk wagtyň dowamynda sürüjiniň hünär derejesiniň üçünji derejesi bilen sürüji bolup üznüksiz işlän hem-de şol döwürde ýol hereketiniň kadalaryny ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna ýa-da ulag serişdelerini dolandyrmaga bolan hukugynyň çäklendirilmegine getiren ýagdaýda bozmadyk, oňat önümçilik görkezijileri we sürüjiniň hünär derejesiniň üçünji derejesi bolan sürüjilere sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji derejesi berilýär.

«B» topara, «C» topara, «D» topara we «E» topara degişli ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan we üç ýyldan az bolmadyk wagtyň dowamynda sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji derejesi bilen sürüji bolup üznüksiz işlän hem-de şol döwürde ýol hereketiniň kadalaryny ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna ýa-da ulag serişdelerini dolandyrmaga bolan hukugynyň çäklendirilmegine getiren ýagdaýda bozmadyk, ulag serişdesini gurat ýagdaýda saklaýan, oňat önümçilik görkezijileri we sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji derejesi bolan sürüjilere sürüjiniň hünär derejesiniň birinji derejesi berilýär.

27. Ulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesini bermek üçin olaryň işleýän edaralary öz serişdeleriniň hasabyna olary awtomobil mekdeplerine hünärlerini kämilleşdirmek boýunça okuwlara iberýär.

28. Ulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesini olaryň hünärlerini kämilleşdirmek boýunça okuwlary tamamlandygy baradaky şahadatnamalaryna we hünär häsiýetnamalaryna laýyklykda bermek, olaryň işleýän edaralarynda döredilýän hünär toparlarynyň netijenamasy esasynda bu edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan degişli buýrugyň çykarylmagy arkaly amala aşyrylýar. Sürüjiniň hünär derejesi hemişelik berilýär.

29. Ulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesiniň üçünji derejesini bermek baradaky buýruga laýyklykda, olaryň işleýän edaralarynyň ýolbaşçylarynyň goly we möhür bilen tassyklanýan Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnama berilýär. Ulag serişdeleriniň sürüjilerine sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji we birinji derejeleri berlende, olaryň Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamlaryna degişli bellikler edilýär.

30. Sürüjiniň hünär derejesi hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentligi eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, iş berijileri Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnama bilen tölegli esasda üpjün edýär. Şahadatnamanyň blankasy berk hasabatdaky resminama bolup durýar.

31. Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, sürüjiniň işleýän edarasynda sürüjiniň aýlyk zähmet hakyna onuň Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamasynyň (onuň şol edara ýa-da sürüjiniň öňki işlän edaralary tarapyndan berlendigine garamazdan) esasynda şu möçberlerde goşmaça hak tölenilýär:

1) sürüjiniň hünär derejesiniň ikinji derejesi üçin - aýlyk zähmet hakynyň 10 göterimi möçberde;

2) sürüjiniň hünär derejesiniň birinji derejesi üçin - aýlyk zähmet hakynyň 25 göterimi möçberde.

32. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda ulag serişdeleriniň sürüjilerini sürüjiniň hünär derejesiniň birinji, ikinji derejelerinde peseltmek we sürüjiniň hünär derejesinden mahrum etmek olaryň işleýän edaralarynda (sürüjiniň hünär derejesiniň şol edaralar ýa-da sürüjiniň öňki işlän edaralary tarapyndan berlendigine garamazdan) döredilýän hünär toparlarynyň netijenamasy esasynda bu edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan degişli buýrugyň çykarylmagy arkaly amala aşyrylýar.

33. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini sürüjiniň hünär derejesinde peseltmek ýa-da sürüjiniň hünär derejesinden mahrum etmek baradaky buýruga laýyklykda, olaryň Sürüjiniň hünär derejesi hakynda şahadatnamalaryna degişli bellikler edilýär.

34. Ulag serişdesiniň sürüjisi sürüjiniň hünär derejesiniň berilmezligi, onuň peseldilmegi ýa-da ondan mahrum edilmegi bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda, bu barada Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şikaýat edip biler.

35. Ulag serişdesiniň sürüjisiniň sürüjiniň hünär derejesi peseldilen ýa-da ondan mahrum edilen gününden bir ýyl geçenden soň, degişlilikde sürüjiniň hünär derejesi bellenen tertipde dikeldilip we berlip bilner.

36. Sürüjilere sürüjiniň hünär derejesini bermegiň, ony peseltmegiň we ondan mahrum etmegiň hem-de sürüjileriň aýlyk zähmet haklaryna sürüjiniň hünär derejesi üçin goşmaça hak tölemegiň Tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi hem-de Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen ylalaşylyp, bellenen tertipde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi tarapyndan tassyklanýar.

37. Awtomobil mekdeplerinde ulag serişdesiniň süriijileriniň hünärlerini kämilleşdirmek boýunça okuwlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda guralýar.

## IV bap. Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň (traktorlar, oba hojalyk maşynlary) sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak

38. Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň (traktorlaryň, oba hojalyk maşynlarynyň) (mundan beýläk - özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleri) sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak bir nusgaly okuw meýilnamalaryna we maksatnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň bir nusgaly okuw meýilnamalary we maksatnamalary degişli bilim standartlary esasynda işlenip düzülýär hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) tarapyndan tassyklanýar.

39. Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň ulgamy şulardan ybaratdyr:

1) 14 KN-a (1.4 dg) çenli tigirli traktorlary («A» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on sekiz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

2) 14 KN-dan (1.4 dg) ýokary tigirli traktorlary («B» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on sekiz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

3) zynjyrly traktorlary («W» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on dokuz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

4) 14 KN-a (1.4 dg) çenli tigirli traktorlary («A» topar) we 14 KN-dan (1.4 dg) ýokary tigirli traktorlary («B» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on sekiz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

5) 14 KN-a (1.4 dg) çenli tigirli traktorlary («A» topar), 14 KN-dan (1.4 dg) ýokary tigirli traktorlary («B» topar) we zynjyrly traktorlary («W» topar) dolandyrmak üçin - okuwyň ahyrynda on dokuz ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

6) gidrostatik transmissiýasy bilen özi ýöreýän maşynlary («G» topar) dolandyrmak üçin - «B» ýa-da «W» toparlara degişli özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan, sürüjilik iş döwri bir ýyldan az bolmadyk, okuwyň ahyrynda ýigrimi ýaşyny doldurýan we ondan uly ýaşly adamlary okatmakdan;

7) melioratiw we ýol gurluşyk maşynlaryny hem-de 0,65 m.kub göwrümli susguçly ekskawatorlary («YE» topar) dolandyrmak üçin - «B», «W» ýa-da «G» toparlara degişli özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan we degişli topary dolandyrmak boýunça sürüjilik iş döwri bir ýyldan az bolmadyk adamlary okatmakdan.

40. Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwyň möhleti «A» topar üçin, «B» topar üçin, «A» we «B» toparlar üçin, «A», «B» we «W» toparlar üçin dört aýdan bäş aýa çenli, «W» topar üçin bir aýdan iki aýa çenli, «G» topar üçin, «YE» topar üçin iki aýdan üç aýa çenli möhletden ybaratdyr. Okuwyň anyk möhleti degişli okuw meýilnamalary we maksatnamalary bilen kesgitlenilýär.

41. Adamlar özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlara girmek üçin awtomobil mekdeplerine şulary tabşyrýarlar:

1) arza;

2) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň (pasportyň ýa-da onuň ornuny tutýan başga resminamanyň) nusgasy;

3) saglyk ýagdaýy baradaky kepilnama;

4) bir ýa-da birnäçe toparlara degişli özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolup, başga toparlara degişli özi ýöreýän

tirkegleri bolan ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk almak boýunça okuwa girilende öňki sürüjilik şahadatnamasynyň nusgasy;

5) «G» hem-de «YE» toparlara degişli özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk almak boýunça okuwa girilende degişli sürüjilik iş döwrüni tassyklaýan zähmet depderçesiniň nusgasy;

6) 3 x 4 santimetr ölçegdäki iki sany reňkli fotosurat.

Şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen resminamalaryň nusgalary olaryň asyl nusgalaryny görkezmek bilen tabşyrylýar.

42. Awtomobil mekdeplerinde özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwlar okuw toparynyň on bäşden az bolmadyk diňleýjilerden düzülmegi bilen, ýylyň islendik wagty başlanyp bilner. Okuw toparynyň düzüminde diňleýjileriň sany otuzdan köp bolup bilmez.

Şol bir okuw toparynda şu Düzgünnamanyň otuz dokuzynjy böleginde görkezilen okatmagyň görnüşleriniň birden köpüsi boýunça özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjileriniň taýýarlanylmagyna we gaýtadan taýýarlanylmagyna ýol berilmeýär.

43. Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak - nazaryýet, barlag-amaly okuwlardan, bu ulag serişdelerini sürmegi iş ýüzünde öwretmekden ybaratdyr. Okuwyň mazmuny we ony guramak bu ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň okuw meýilnamalary we maksatnamalary bilen kesgitlenýär.

44. Nazaryýet we barlag-amaly okuwlar okuw otaglarynda, özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdelerini dolandyrmak, testleşdirme geçirmek üçin niýetlenen hem-de degişli enjamlar bilen enjamlaşdyrylan desgalarda, şeýle hem ulag trenažorlarynda we ussahanalarda geçirilýär.

Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdelerini sürmegi iş ýüzünde öwretmek ilkibaşda bu ulaglary dolandyrmagy öwretmäge niýetlenen meýdançalarda, olaryň bolmadyk ýerlerinde bolsa, hereketiň ýok we ilatly ýeriň çäginden daşda ýerleşýän boş meýdançalarda we ekerançylyk meýdanlarynda geçirilýär. Ilatly ýerlerde bu ulag serişdelerini dolandyrmak ukybyny özleşdirmek üçin okuw sapaklary hereketiň az bolan we PÝGG bilen ylalaşylan ýol ugurlarynda geçirilýär.

45. Özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň okuw meýilnamalaryna we maksatnamalaryna laýyklykda doly möçberde taýýarlanan we gaýtadan taýýarlanan diňleýjiler okan awtomobil mekdeplerinde synagdan geçirilmäge degişlidirler.

46. Synagdan üstünlikli geçen diňleýjilere synag toparynyň teswirnamasy esasynda özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň degişli okuw meýilnamalary we maksatnamalary boýunça okuwy tamamlandygy barada degişli awtomobil mekdebiniň ýolbaşçysynyň goly hem-de möhür bilen tassyklanýan bellenen nusgadaky hereket ediş möhleti çäklendirilmeýän şahadatnama gowşurylýar.

Bu şahadatnama özi ýöreýän tirkegleri bolan ulag serişdelerini dolandyrmaga hukuk bermeýär, ol bu hukugy almak üçin Ministrligiň ygtyýarly edaralarynda hünär synaglaryny tabşyrmaga gatnaşmaga hukuk berýär.

47. Synaga gatnaşmadyk ýa-da synagda kanagatlanarsyz netijeleri alan diňleýjileriň bir aýdan az bolmadyk möhletden soň synaglary gaýtadan tabşyrmaga hukugy bardyr.

Synaglary geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylyp, Ministrlik tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

48. Şu Düzgünnamanyň kyrk altynjy böleginde görkezilen şahadatnamanyň nusgasy Ministrlik bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

Ministrlik garamagyndaky awtomobil mekdeplerini şu Düzgünnamanyň kyrk altynjy böleginde görkezilen şahadatnama bilen tölegli esasda üpjün edýär. Şahadatnamanyň blankasy berk hasabatdaky resminama bolup durýar.

49. Okuw toparynyň resminamalary we synag toparlarynyň teswirnamalary bellenen tertipde awtoulag mekdeplerinde saklanýar.

50. Şu Düzgünnamanyň kyrk altynjy böleginde görkezilen şahadatnama ýitirilen, ulanyp bolmajak derejede zaýalanan halatynda, şahadatnamanyň eýesiniň arzasy esasynda onuň asyl nusgasyny beren awtomobil mekdebi (onuň hukuk oruntutary) tarapyndan synag toparynyň teswirnamasynyň esasynda onuň öwezligi tölegli esasda berilýär.

## V bap. Awtomobil mekdepleriniň işiniň guralyşy

51. Awtomobil mekdepleriniň işiniň guralyşynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygyna, şu Düzgünnama we bu mekdepleriň tertipnamalaryna laýyklykda kesgitlenýär.

52. Garamagynda awtomobil mekdepleri bolan ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary:

1) garamagyndaky awtomobil mekdeplerinde ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamaga we gaýtadan taýýarlamaga ýolbaşçylyk edýärler;

2) ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin niýetlenen täze awtomobil mekdepleriniň binalarynyň gurulmagyny we bar bolanlarynyň durkunyň täzelenmegini üpjün edýärler;

3) garamagyndaky awtomobil mekdeplerini zerur häzirki zaman okuw-maddy binýady bilen üpjün edýärler, olaryň ulag serişdelerini abatlamagy we olara enjamlaýyn hyzmatlary etmegi üpjün edýärler;

4) okuw gollanmalaryny işläp düzmek hem-de kämilleşdirmek baradaky teklipleri taýýarlaýarlar we olary degişli döwlet edaralaryna berýärler;

5) ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagy we gaýtadan taýýarlamagy kämilleşdirmek boýunça ylmy barlaglara hem-de ündemeleri işläp taýýarlamaga gatnaşýarlar;

6) awtomobil mekdepleriniň hem-de olaryň diňleýjileriniň arasynda ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça ýaryşlary we bäsleşikleri geçirmegi guraýarlar;

7) awtomobil mekdepleriniň ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça öňdebaryjy iş tejribelerini öwrenýärler hem-de ýaýradýarlar;

8) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýarlar.

53. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň ýokary hilini üpjün etmek üçin awtomobil mekdepleriniň:

1) okuw-barlaghana enjamlary, okatmagyň enjamlaýyn serişdeleri, häzirki zaman okuw we görkezme esbaplary bilen üpjün edilen okuw otaglary, barlaghanalary we ussahanalary;

2) awtotürgenleşik meýdançasy;

3) häzirki zaman okuw ulag serişdeleri bolmalydyr.

Awtomobil mekdepleri zerur okuw-maddy binýat, häzirki zaman ulag serişdeleri, ýangyç-çalgy serişdeleri, enjamlar, ätiýaçlyk şaýlary we beýleki gurallar bilen bellenen tertipde üpjün edilýär.

54. Awtomobil mekdeplerinde:

1) barlag-amaly okuwlary geçirmek üçin degişli wezipelere awtomobil-traktor hünäri boýunça ýokary ýa-da orta hünär bilimi we iş tejribesi bolan adamlar;

2) sürmegi öwredýän adamyň wezipelerine umumy orta bilimi, degişli toparyň ulag serişdesini dolandyrmaga hukugy, üç ýyldan az bolmadyk sürüjilik iş döwri we sürmegi öwretmäge hukuk berýän rugsatnamasy bolan adamlar;

3) ulag serişdeleriniň gurluşy we ulanylyşy boýunça gözükdiriji-mugallymlar wezipelerine awtomobil-traktor hünäri boýunça ýokary hünär bilimi bolan adamlar;

4) ýol hereketiniň kadalary we hereket howpsuzlygynyň esaslary boýunça gözükdiriji-mugallymlar wezipelerine awtomobil-traktor hünäri boýunça ýokary hünär bilimi we ulag serişdelerini dolandyrmaga hukugy bolan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýär.

55. Awtomobil mekdepleriniň ýolbaşçy işgärleriniň, gözükdiriji-mugallymlarynyň we beýleki işgärleriniň wezipe borçlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýär.

56. Awtomobil mekdepleriniň gözükdiriji-mugallym işgärlerini hünär synagyndan geçirmek we olaryň hünär derejesini kämilleşdirmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

57. Awtomobil mekdepleriniň mugallymçylyk işgärleri iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna geçirilýän döwürleýin tölegsiz lukmançylyk barlaglaryndan geçmäge borçludyrlar.

## VI bap. Jemleýji düzgünler

58. Sürmegi öwredýän adamlary taýýarlamak we olara rugsatnama bermek, sürüjileri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça düzgünleri, okuw maksatnamalaryny we gollanmalary işläp düzmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentligi tarapyndan amala aşyrylýar.

59. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak baradaky işiň amala aşyrylmagyna kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan gözegçilik edilýär.

60. Ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak bilen bagly şu Düzgünnama bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.